# Gubuş aganyñ täleý hakda maña aýdany

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gubuş aganyñ täleý hakda maña aýdany GUBUŞ AGANYŇ TÄLEÝ HAKDA MAŇA AÝDANY

Gaçyp bolar öýüňden,
Geçip bolar küýüňden,
Hem aždarha heleýden,
Çingiz han hem Tüleýden.
Ýöne gaçyp bilmersiň,
Gaçyp bilmeň täleýden.

Gaplaň-şirden gaçarsyň,
(On günlük ýol gaçansyň!)
At badyndan ýetersiň,
(Bu babatda ýesersiň!)
Ýöne weli täleýden,
Gaçyp bilmän ötersiň.

Sora goja, malaýdan,
Sora ýakyn-golaýdan,
Bilmeýänden, bileýden,
Dymma ärden, jalaýdan,
Aýal-ebtat, heleýden,
Bek belle şu namany:
– Gaçyp bilmeň täleýden… Goşgular